# Ilbilge hatyn

Category: Kitapcy,Zenan şahsyýetler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ilbilge hatyn TARYHY ŞAHSYÝETLER -16:




▶ **ILBILGE HATYN**
*«Direliş. Ärtogrul» teleserialyndaky Ilbilge hatyn kim bolupdyr? Ol hakykatdanam taryhda ýaşap geçen şahsmy? Türk aktrisasy Hande Soral tarapyndan keşbi janlandyrylan Ilbilge hatynyñ Ärtogrul Gazy bilen nähili ýakynlygy bar?*

«Direliş. Ärtogrul» teleserialynyñ soñky sezonyndaky Ilbilge hatynyñ obrazy köpleriñ ünsüni çeken bolsa gerek. Ilkibaşda Ärtogrul bege duşmançylyk beslän gaýratly zenan soñ-soñlar onuñ çagalaryna enelik edýär. Elbetde, bu diñe çeper senariýa esaslanýan personaž. Sebäbi, Ärtogrul Gazynyñ döwründe ýaşap

geçen şeýle zenanyñ ady hiç bir taryhy çeşmede gabat gelmeýär. Ärtogrul Gazydan soñ ýaşap geçen Aýdyñogly Ümür begiñem Bekpolat begdir Ilbilge atly çagalary ýok.
Ýöne gadymy taryhymyzda Ilbilge hatyn diýen taryhy şahsymyz welin ýaşap geçipdir. Ynha, teleserialdaky Ilbilge hatyn hem şol zenan melikäniñ adyna esaslanyp döredilen obrazdyr.
Taryhda Ilbilge hatyn Göktürk(men) kaganlygynyñ hökümdary Bilge kaganyñ ejesidir. Ol Göktürk(men) döwletini täzeden dikelden Ilteriş Gutlug kaganyñ aýalydyr. Onuñ ýene bir oglunyñ ady Kül Tegin bolupdyr. Orhon ýazuw ýadygärliklerinde Ilbilge hatynyñ ady agzalýar. Ýazgylarda Ilteriş kaganyñ döwlet dolandyryş işinde sag golunyñ Ilbilge hatyn bolandygyny görmek bolýar.

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy.

@ Kitapçylar. Zenan şahsyýetler